#162 (184)
среда, 31 января 2024 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана

TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

2024-nji ýylyň 26-njy ýanwarynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli ileri tutulýan meselelere garaldy.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa çykyş edip, amala aşyrylýan kanun çykaryjylyk işi barada maglumat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň goraglylygyny üpjün etmegiň hukuk binýadyny has-da pugtalandyrmak, raýat-hukuk gatnaşyklaryny kämilleşdirmek, energiýany tygşytlamak, energiýadan netijeli peýdalanmak, gidrometeorologiýa işiniň hukuk esaslaryny kesgitlemek bilen bagly Türkmenistanyň kanunlarynyň taslamalaryny taýýarlamak boýunça işler alnyp barylýar. Şunuň bilen birlikde, Türkmenistanyň Maşgala we Raýat iş ýörediş kodekslerine degişli üýtgetmeler we goşmaçalar girizilýär, birnäçe kanunlaryň kadalary döwrüň talaplaryna laýyk getirilýär.

Daşary ýurtlar we halkara guramalar bilen gatnaşyklary ösdürmegiň çäklerinde anyk çäreler durmuşa geçirilýär. Hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça Şweýsariýa Konfederasiýasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisinden ynanç haty kabul edildi. Şonuň ýaly-da, Hytaý Halk Respublikasynyň we Türkiýe Respublikasynyň doly ygtyýarly wekilleri bilen duşuşyklar geçirildi. Duşuşyklaryň barşynda parlamentara gatnaşyklary mundan beýläk-de ilerletmegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle hem Mejlisiň deputatlarynyň Garaşsyz döwletimiziň içeri we daşary syýasatyny, milli kanunçylygyň many-mazmunyny halk köpçüligine düşündirmek, 2024-nji ýylyň şygarynyň syýasy-jemgyýetçilik ähmiýetini, Magtymguly Pyragynyň edebi mirasyny wagyz etmek boýunça geçirilýän duşuşyklara, maslahatlara gatnaşýandyklary, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde çykyş edýändikleri aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow milli kanunçylygy mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça işleri dowam etdirmegiň wajypdygyna ünsi çekdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow gözegçilik edýän düzümlerinde alnyp barylýan işleriň hem-de döwlet Baştutanymyzyň ozal beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi. Hasabatda ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça döwlet maksatnamalarynda kesgitlenen wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek üçin görülýän çäreler barada aýdyldy. Şunuň bilen birlikde, maliýe-ykdysady topluma giriýän guramalaryň, bank edaralarynyň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek babatda amala aşyrylýan işlere üns çekildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň maliýe-ykdysady ulgamyny özgertmek işini dowam etdirmegiň zerurdygyny aýtdy we bu babatda wise-premýere birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow "Türkmennebit" döwlet konsernini nebiti gaýtadan işleýän zawodlarynda nebit önümleriniň täze görnüşlerini öndürmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, döwrüň talaplaryna laýyklykda nebithimiýa senagatyny ösdürmek, halkara tejribäni giňden ornaşdyrmak hem-de önümleriň görnüşlerini artdyrmak babatda degişli çäreler görülýär. Hususan-da, Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda "Hydro Plus" kysymly dizel ýangyjynyň önümçiligi ýola goýuldy. Ýangyjyň bu görnüşi ýokary tizlikli dizel heretlendirijilerinde we howanyň aşa sowuk şertlerinde ygtybarly ulanmaga niýetlenendir. Şeýle-de zawodlar toplumynda "SAE 50 API CF-4" kysymly motor ýagynyň önümçiligi ýola goýuldy. Motor ýagynyň bu görnüşi awtoulaglarda hem-de beýleki enjamlarda gurnalan kuwwatly dizel hereketlendirijileri üçin göz öňünde tutulyp, yssy howa şertlerinde ulanmaga niýetlenendir.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, nebit önümlerini öndürmegiň täze usullaryny öwrenmegiň, öndürilýän önümleriň hilini ekologik standartlaryň talaplaryna laýyk getirmegiň, has ýokary islege eýe bolan önümleri öndürmegiň ýurdumyzyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlarynyň esasy wezipeleridigini belledi. Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda nebit önümleriniň birnäçe görnüşleri öndürilýär we olar içerki hem-de dünýä bazarlarynda uly islegden peýdalanýar. Täze önümler ýurdumyzda bu ugurda öndürilýän önümleriň görnüşlerini has-da artdyrar diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy we wise-premýere birnäçe tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew obasenagat toplumynda we welaýatlarda alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, welaýatlarda gowaça ekişine taýýarlyk görülýär, sürüm, tekizleýiş, geriş we çil çekmek işleri geçirilýär. Şunuň bilen birlikde, bugdaý ekilen meýdanlarda ideg etmek işleri dowam edýär. Ekerançylyk meýdanlarynda ösdürilip ýetişdirilýän oba hojalyk ekinlerine berilýän suw serişdelerini tygşytly we netijeli peýdalanmak, ýerleriň meliorativ ýagdaýyny kadaly derejede saklamak, goşmaça suw gorlaryny döretmek, suwaryş hem-de şor suw akabalaryny arassalamak boýunça degişli işleriň geçirilýändigi barada-da aýdyldy.

Bellenilişi ýaly, ýurdumyzyň ösümlik we haýwanat dünýäsini gorap saklamak, olary ylmy taýdan öwrenmek hem-de dikeltmek, geljek nesillerimize ýetirmek babatda maksatnamalaýyn işler amala aşyrylýar. Daşky gurşawy goramak ministrliginiň döwlet tebigy goraghanalarynda türkmen arçasy, dagdan, pisse agaçlarynyň, aýratyn goralýan tebigy ýerlerde duş gelýän ösümlikleriň seýrek we gymmatly görnüşlerini köpeltmek, olary tebigy ösýän ýerlerinde ýaýratmak boýunça goraghanalaryň ylmy-synag meýdançalarynda ylmy-tejribe işleri geçirilýär. Şunuň bilen birlikde, döwlet tebigy we çäkli goraghanalarynda ýabany haýwanlary, ýurdumyzda gyşlaýan, göçýän guşlary goramak hem-de seýrek duş gelýän ýabany haýwanlaryň sanyny hasaba almak babatda ylmy-barlag işleri alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmek boýunça agrotehniki çäreleri öz wagtynda we ýokary hilli geçirmek üçin guramaçylyk işlerini gözegçilikde saklamagyň möhümdigini belledi. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere suw serişdelerimiziň tygşytly we maksadalaýyk ulanylmagyna berk gözegçilik etmegi, goşmaça suw gorlaryny döretmek ugrunda alnyp barylýan işleri dowam etdirmegi tabşyrdy. Şeýle hem wise-premýere ýurdumyzyň özboluşly ekologik ulgamlaryny, ösümlik we haýwanat dünýäsini gorap saklamak, baýlaşdyrmak boýunça alnyp barylýan toplumlaýyn işlere berk gözegçilik etmek tabşyryldy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow paýtagtymyzy abadanlaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler, hususan-da, "Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň XV ýyllygy" seýilgähiniň durkuny täzelemek boýunça görülýän çäreler barada hasabat berdi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda Aşgabadyň şähergurluşyk, binagärlik keşbini has-da gözelleşdirmek, paýtagtymyzy ýaşamak, zähmet çekmek, medeniýetli dynç almak üçin amatly şähere öwürmek babatda nusgalyk işler amala aşyrylýar. Ýüzlerçe ýaşaýyş jaýlarynyň, medeni-durmuş maksatly desgalaryň, awtomobil ýollarynyň, seýilgähleriň gurulmagy munuň aýdyň güwäsidir.

Paýtagtymyzdaky "Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň XV ýyllygy" seýilgähiniň tutýan umumy meýdany 50 gektara barabardyr. Durkuny täzelemek işleriniň çäklerinde bu ýerde ýerüsti pyýada geçelgeleriň ikisini, welosiped ýodalaryny, dynç alyş bassyrmalaryny, suw howuzlaryny, bassyrmaly awtoduralgalary gurmak hem-de döwrebap yşyklandyryş sütünlerini ornaşdyrmak meýilleşdirilýär. Şeýle-de seýilgähiň çäginde ýaşyl zolaklary döretmek, abadanlaşdyrmak işlerini geçirmek göz öňünde tutulýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, bu günki gün Aşgabat şäheriniň binagärlik keşbiniň has-da gözelleşýändigini belledi. Paýtagtymyzda ýaşamak, işlemek we dynç almak üçin nusgalyk işler durmuşa geçirilýär. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz Aşgabatdaky "Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň XV ýyllygy" seýilgähini döwrebap ýagdaýa getirmegiň, bu bag-bossanly künjekde paýtagtymyzyň ýaşaýjylary üçin ähli şertleriň döredilmeginiň möhümdigini belläp, onuň ak şäherimiziň binagärlik keşbine laýyk gelmelidigini belledi. Hormatly Prezidentimiz bu ugurdaky işleri dowam etdirmegiň zerurdygyny aýdyp, wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýew "Türkmenistanda öndürildi" milli haryt nyşanynyň şekilini taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň eksport kuwwatyny artdyrmak, daşary ýurtlar bilen söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy giňeltmek boýunça giň gerimli işler durmuşa geçirilýär.

"Türkmenistanyň 2021 — 2030-njy ýyllar üçin daşary söwda Strategiýasyna" hem-de "Türkmenistanyň sergileri, ýarmarkalary we maslahatlary gura-

(Dowamy 2-nji sahypada).

ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ГЕНЕРАЛ-ГУБЕРНАТОРА АВСТРАЛИЙСКОГО СОЮЗА

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Генерал-губернатору Австралийского Союза Дэвиду Джону Хёрли по случаю Национального праздника страны – Дня Австралии.

Пользуясь этой возможностью, глава государства выразил Генерал-губернатору Дэвиду Джону Хёрли искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а всему народу Австралийского Союза – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ РУКОВОДСТВО РЕСПУБЛИКИ ИНДИЯ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Индия г-же Драупади Мурму и Премьер-министру Республики Индия Нарендре Моди по случаю Национального праздника Индии – Дня Республики.

«Отношения между Туркменистаном и Республикой Индия неуклонно укрепляются и содержательно обогащаются. Выражаем большую заинтересованность в дальнейшем развитии двустороннего сотрудничества и выводу его на новый уровень. Твёрдо уверен, что отношения между нашими странами будут и впредь систематически наращиваться в интересах наших народов», – отметил глава государства.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Туркменистана адре-совал Президенту Драупади Мурму и Премьер-министру Нарендре Моди пожелания крепкого здоровья, счастья, благополучия и больших успехов в начинаниях, а всему народу Республики Индия – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ЭМИРА ГОСУДАРСТВА КУВЕЙТ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов от имени народа и Правительства страны, а также от себя лично направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Шейху Мишалю Аль-Ахмаду Аль-Джаберу Аль-Сабаху в связи с его восхождением на трон в качестве Эмира Государства Кувейт.

«Мы высоко ценим братские отношения между Туркменистаном и Государством Кувейт. Твёрдо уверен, что, благодаря совместным усилиям, отношения между двумя странами будут и впредь развиваться и расширяться в интересах наших народов», говорится в послании.

Пользуясь этой возможностью, глава государства адресовал Эмиру Шейху Мишалю Аль-Ахмаду Аль-Джаберу Аль-Сабаху пожелания крепкого здоровья, неиссякаемой энергии и счастья, а братскому народу Государства Кувейт – мира, прогресса и процветания.

Интернет газета
Международные новости

TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

(Başlangyjy 1-nji sahypada).

mak işini 2020 — 2025-nji ýyllarda ösdürmegiň Strategiýasyna” laýyklykda, türkmen önümlerini dünýä bazarlarynda giňden tanatmak boýunça göz öňünde tutulan çäreleri ýerine ýetirmek babatda işler alnyp barylýar. Söwda-senagat edarasynda degişli ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň gatnaşmagynda pudagara iş topary döredildi. Häzirki wagtda bu topar tarapyndan “Türkmenistanda öndürildi” milli haryt nyşanynyň şekili hem-de milli haryt nyşany hakyndaky Düzgünnamanyň taslamasy işlenip taýýarlanyldy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, elektron söwdany guramakda hem-de harytlary sargyt etmekde, önümleri taýýarlamakda we ýerlemekde sanly ulgamy ornaşdyrmagy dowam etdirmegiň zerurdygyny nygtady. Şeýle hem «Türkmenistanda öndürildi» milli haryt nyşany bilen öndürilýän önümleriň möçberini we görnüşini has-da artdyrmak boýunça degişli işleri geçirmek möhümdir. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzda öndürilýän ýokary hilli azyk we dokma önümlerini daşarky sarp edijilere giňden ýaýmakda mahabat işlerini yzygiderli guramagyň, Türkmenistanyň daşary ýurtlarda ýerleşýän söwda öýleriniň işini has-da kämilleşdirmegiň möhümdigine ünsi çekip, wise-premýere bu babatda birnäçe tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa şu ýylyň fewral aýynda geçiriljek esasy çäreleriň we medeni-durmuş maksatly binalaryň açylyp ulanmaga berilmeginiň tertibi barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, 2024-nji ýylyň “Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy” ýyly diýlip yglan edilmegi, beýik türkmen şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli geljek aýda dürli döredijilik duşuşyklaryny, brifingleri, mediaforumlary, okuw maslahatlaryny, sergileri, sanly ulgam arkaly ylmy-usuly maslahatlary, wagyz-nesihat çärelerini, aýdym-sazly dabaralary geçirmek meýilleşdirilýär. Mundan başga-da, çeper okaýyşlary guramak, dürli bäsleşikleri yglan etmek, ozal yglan edilen bäsleşikleriň jemini jemlemek, sportuň dürli görnüşleri boýunça ýaryşlary geçirmek göz öňünde tutulýar. Şeýle hem şanly seneler we täze desgalaryň açylmagy mynasybetli geçiriljek medeni çärelere taýýarlyk görlüşi barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda ata Watanymyzda köp sanly medeni-durmuş maksatly binalaryň ulanmaga beriljekdigini, birnäçe dabaraly çäreleriň geçiriljekdigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýere fewral aýynda göz öňünde tutulan çäreleriň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmek tabşyryldy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow Türkmenistanda ylmy barlaglaryň netijeliligini üpjün etmek boýunça pudagara topara hödürlenen teklipler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanda ylmy barlaglaryň netijeliligini üpjün etmek boýunça pudagara topary döretmek hakynda» Kararyndan gelip çykýan wezipelerden ugur alnyp, ýerli çig mallar esasynda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan we bäsdeşlige ukyply önümleri öndürmek, milli önümçilikleri giňeltmek boýunça tehnologiýalar işlenip taýýarlanylýar. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna Türkmenistanda ylmy barlaglaryň netijeliligini üpjün etmek boýunça pudagara topar tarapyndan seljerilen we döwletimiziň innowasion ösüşine ýardam berjek ykdysady bähbitli teklipler hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, milli ykdysadyýetimiziň esasy pudaklaryna döwrebap tehnologiýalary, hususan-da, sanly ulgamy giňden ornaşdyrmagyň, bu babatda degişli ylmy-barlaglary geçirmegiň wajypdygyna ünsi çekdi hem-de wise-premýere birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow döwlet Baştutanymyzyň tabşyrygy boýunça Türkmenistanyň wekiliýetiniň 21 — 24-nji ýanwarda Ýaponiýa amala aşyran iş saparynyň netijeleri barada hasabat berdi. Saparyň çäklerinde Tokioda Ýaponiýanyň Hökümetiniň, Parlamentiniň, iri maliýe-söwda guramalarynyň hem-de kompaniýalarynyň ýolbaşçylary bilen duşuşyklar we gepleşikler geçirildi.

Ýaponiýanyň Ministrler Kabinetiniň Baş sekretary Ýoşimasa Haýaşi bilen duşuşyk guraldy. Onuň barşynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýyna we ony mundan beýläk-de ösdürmäge degişli meselelere garaldy. Hususan-da, şu ýylda “Merkezi Aziýa — Ýaponiýa” dialogyna gatnaşyjy döwletleriň Baştutanlarynyň ilkinji sammitini geçirmek bilen bagly mesele ara alnyp maslahatlaşyldy.

Saparyň çäklerinde Ýapon-türkmen parlamentara dostluk toparynyň başlygy, Ýaponiýanyň Parlamentiniň Wekiller palatasynyň agzasy Endo Toşiaki bilen duşuşyk geçirildi. Duşuşygyň dowamynda iki ýurduň kanun çykaryjy edaralarynyň arasynda ikitaraplaýyn gatnaşyklary giňeltmegiň geljegi gyzyklanma bildirilip ara alnyp maslahatlaşyldy. Şunuň bilen baglylykda, türkmen tarapynyň Gahryman Arkadagymyzyň Aşgabatda “Merkezi Aziýa — Ýaponiýa” parlamentara forumyny geçirmek barada öňe süren başlangyjyny bilelikde amala aşyrmak hakyndaky teklibi beýan edildi. Mundan başga-da, Türkmenistanyň wekiliýetiniň Ýaponiýanyň daşary işler ministri Ýoko Kamikawa bilen duşuşygy boldy. Duşuşykda syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda hyzmatdaşlygyň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Şunda döwletara gatnaşyklary ösdürmekde ýokary derejedäki saparlara hem-de gepleşiklere aýratyn ornuň degişlidigi nygtaldy.

Ýaponiýanyň ykdysadyýet, söwda we senagat ministri Ken Saýto bilen geçirilen duşuşyklaryň barşynda türkmen-ýapon ykdysady hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de ösdürmegiň mümkinçiliklerine, onuň anyk ugurlaryna, şol sanda wodorod öndürmegiň we daşamagyň tehnologiýalary, söwda-täjirçilik, energetika ýaly ugurlarda gatnaşyklaryň mümkinçiliklerine garaldy. Ýaponiýanyň sanly ulgam işleri ministri Taro Kono bilen geçirilen gepleşikleriň gün tertibine sanlylaşdyrmak we kiberhowpsuzlyk, ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak, telelukmançylyk, saglygy goraýyş, “akylly” şäherleri gurmak, durnukly ösüş ýaly möhüm ugurlarda hyzmatdaşlyk etmek meseleleri girizildi.

Şeýle hem Ýaponiýanyň Eksporty we importy ätiýaçlandyryş agentliginiň (NEXI) başlygy, ýerine ýetiriji direktory Atsuo Kuroda, Daşary söwda işleri guramasynyň (JETRO) başlygy we baş ýerine ýetiriji direktory Işiguro Norihiko bilen duşuşyklar geçirildi. Duşuşyklaryň dowamynda söwda we maýa goýum ugurly gatnaşyklary pugtalandyrmak, ýapon kompaniýalarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanda amala aşyrylýan taslamalary maliýeleşdirmegiň gurallaryny kämilleşdirmek, ugurdaş okuw maslahatlaryny guramak, halkara maliýe düzümleriniň çäklerinde gatnaşyklary işjeňleşdirmek, kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Hususan-da, Türkmenistanda JETRO-nyň wekilhanasyny açmagyň, ýurtlaryň ikisinde-de söwda öýleriniň işini ýola goýmagyň mümkinçiliklerine garaldy.

Saparyň çäklerinde Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-ýapon komitetiniň wekilleri bilen duşuşyk geçirildi. Komitetiň düzümine dostlukly ýurduň öňdebaryjy kompaniýalarynyň wekilleriniň birnäçesi girýär. Duşuşykda gazhimiýa senagatyna degişli täze kärhanalary gurmak, birnäçe desgalaryň durkuny täzelemek, ýapon tehnikalaryny we awtoulag serişdelerini satyn almak, wodorod energetikasy ulgamynda hyzmatdaşlygy ýola goýmak bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Ýaponiýanyň Sukuba uniwersitetiniň prezidenti Nagata Kýosuke hem-de Soka uniwersitetiniň prezidenti Masaşi Suzuki bilen geçirilen duşuşyklaryň dowamynda ylym-bilim ulgamynda özara gatnaşyklaryň geljegine garaldy. Bu ulgamda birnäçe geljegi uly ugurlarda hyzmatdaşlygy giňeltmegiň, ýaş mugallymlary taýýarlamagyň, talyplary alyşmagyň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle hem Sukuba uniwersitetinde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýapon diline terjime edilen “Ömrümiň manysynyň dowamaty” atly kitabynyň tanyşdyrylyş dabarasy guraldy.

Iş saparynyň jemleri boýunça umumy bähbitlere laýyk gelýän köpugurly türkmen-ýapon hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de işjeňleşdirmäge gönükdirilen resminamalara gol çekildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, dünýä ýurtlary bilen netijeli gatnaşyklary ösdürmegiň Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridigini nygtady. Türkmen-ýapon hyzmatdaşlygy barada aýdylanda bolsa, ol ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşde üstünlikli ösdürilýär.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň wekiliýetiniň golaýda Tokio amala aşyran iş saparynyň hem döwletara gatnaşyklaryň okgunly ösýändigine aýdyň şaýatlyk edýändigini, saparyň barşynda türkmen wekiliýetiniň agzalarynyň ýaponiýaly kärdeşleri bilen geçiren gepleşikleriniň, barşynda syýasy, ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda hyzmatdaşlygyň ençeme meselelerine garalmagynyň, ikitaraplaýyn resminamalaryň birnäçesine gol çekilmeginiň möhüm ähmiýete eýedigini belledi.

Döwlet Baştutanymyz saparyň netijeleriniň Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasyndaky köpýyllyk hyzmatdaşlygy has-da işjeňleşdirmäge mümkinçilik berjekdigini belläp, wise-premýer, daşary işler ministrine bu babatda degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew deňiz-derýa pudagynyň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak we gämileriň gatnawlarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen, halkara standartlara laýyklykda milli kanunçylygyň kämilleşdirilişi barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, Hazar deňziniň türkmen böleginiň ulag düzümini mundan beýläk-de döwrebaplaşdyrmak, ýurdumyzyň deňiz flotuny giňeltmek, Türkmenbaşy Halkara deňiz portunda ýük akymlaryny artdyrmak boýunça netijeli işler amala aşyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, halkara hyzmatdaşlygy giňeltmek, dünýä standartlaryna laýyklykda deňiz gatnawyny ýeňilleşdirmek, daşary ýurtlar bilen söwda gatnaşyklaryny pugtalandyrmak üçin Türkmenistanyň Halkara Deňiz Guramasynyň Halkara deňiz gatnawyny ýeňilleşdirmek hakynda Konwensiýasyna goşulmagy boýunça zerur işler alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, deňiz-derýa pudagynyň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmegiň möhümdigini belledi hem-de agentligiň ýolbaşçysyna bu ugurda degişli çäreleri görmegi tabşyrdy.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА ПРОВЕЛ ВСТРЕЧУ С ГЕРМАНСКОЙ КОМПАНИЕЙ «GOETZPARTNERS EMERGING MARKETS GMBH»

27 января 2024 года состоялась встреча Национального Лидера туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова с управляющим директором компании консалтинговой компании «Goetzpartners Emerging Markets GmbH» Владимиром Матиасом и старшим консультантом этой компании Хансом Гердом Прёделем.

На встрече обсуждены вопросы дальнейшего развития двустороннего сотрудничества, в частности по налаживанию строительства промышленных объектов в городе Аркадаг. При этом следует отметить, что компания выиграла международный тендер на оказание консультационных услуг по созданию медицинского кластера в г.Аркадаг.

Констатировалось, что Германия является одним из приоритетных партнёров Туркменистана в Европейском Союзе, особенно по линии торгово-экономического взаимодействия. Также подчеркивалась важность партнёрства между транспортными агентствами, ассоциациями и компаниями двух стран, учитывая реализацию в Туркменистане широкомасштабных проектов в сфере транспорта, коммуникаций и логистики.

Председатель Халк Маслахаты отметил, что в рамках строительства второй очереди объектов в городе Аркадаг в стране создана экологически чистая сырьевая база, соответствующая международным стандартам качества.

Руководители германской компании проинформировали о новых направлениях сотрудничества, подчеркнув, что планируемый к возведению медицинский кластер призван производить различные виды медицинской продукции не только для внутреннего рынка, но и для экспорта. Вместе с тем использование доступного местного сырья позволит выпускать экологически чистую, качественную продукцию, что будет способствовать укреплению экономики Туркменистана, сыграет важную роль в развитии туркмено-германских отношений.

Нацеленность туркменской стороны на укрепление сотрудничества с данной компанией было закреплено подписанием «Меморандума о взаимопонимании между Государственным комитетом по строительству города Аркадаг при Президенте Туркменистана и консалтинговой компанией ФРГ «Goetzpartners Emerging Markets GmbH».

В этой связи, руководство консалтинговой компании, поблагодарив за оказанное доверие, заверило, что «Goetzpartners Emerging Markets GmbH» будет осуществлять свои консультационные услуги на высоком уровне.

Интернет газета
Международные новости

ПРЕСС-РЕЛИЗ РАЗВИТИЕ ТУРКМЕНО-ГЕРМАНСКОГО СОТРУДНИЧЕСТВА В ПРАВОВОЙ СФЕРЕ

Ашхабад, 30 января. В Институте государства, права и демократии состоялась церемония открытия «Ресурсного центра туркмено-немецкого сравнительного правоведения». В ней приняли участие представители Посольства Федеративной Республики Германия в Туркменистане, руководители и представители Региональной программы Германского общества по международному сотрудничеству (GIZ) «Содействие правовой государственности

в Центральной Азии», представители Верховного суда Туркменистана и научные сотрудники Института государства, права и демократии.

Ресурсный центр создан на основании Меморандума о взаимопонимании по сотрудничеству в правовой сфере, подписанного между Институтом и Германским обществом по международному сотрудничеству (GIZ). В рамках церемонии открытия директор Института государства, права и демократии Туркменистана и директор Региональной программы Германского общества по международному сотрудничеству (GIZ) «Содействие правовой государственности в Центральной Азии» в Туркменистане подписали Положение о Ресурсном центре туркмено-немецкого сравнительного правоведения.

Основными задачами Центра являются проведение научных исследований в области сравнительного правоведения; содействие повышению квалификации специалистов по гражданскому, гражданско-процессуальному, административному, административно-процессуальному праву; совместная разработка научно-практической юридической литературы; проведение консультаций по совершенствованию законодательства.

Совместно с Региональной программой Германского общества по международному сотрудничеству обеспечивается комплектование специальной литературой Центра и формирование его библиотечного фонда. Также, обеспечивают поддержание рабочего состояния оборудования и библиотечного фонда Центра.

Для выполнения этих задач Туркмено-немецким центром предусматривается организация научно-практических семинаров с участием национальных и международных экспертов.

Основное направление деятельности Центра – развитие взаимодействия между научно-образовательными учреждениями Туркменистана и Германии.

MEETING OF THE MINISTER OF FOREIGN AFFAIRS OF TURKMENISTAN WITH THE VICE CHAIRMAN OF THE STANDING COMMITTEE OF THE NATIONAL PEOPLE'S CONGRESS OF CHINA

On January 29, 2024, in the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, a meeting was held between the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov and the PRC delegation led by the Vice Chairman of the Standing Committee of the National People's Congress (NPC) Hao Mingjing.

During the meeting, the parties discussed a wide range of issues of bilateral interaction, and an integrated approach to the development of Turkmen-Chinese relations was noted.

The special role of contacts between the heads of the two states was emphasized, as well as the interaction of governments within the framework of the «Program of cooperation between the Government of Turkmenistan and the Government of the People's Republic of China for 5 years (2021-2025)».

The parties touched upon the importance of political consultations between the foreign ministries of the two countries, as well as active inter-party and inter-parliamentary ties between the two countries.

A high level of trade and economic relations, culture, education and sports was noted.

At the end of the meeting, the parties once again confirmed the importance of further comprehensive expansion of the Turkmen-Chinese partnership.

PUDAGARA TOPARYŇ MEJLISI

2024-nji ýylyň 27-nji ýanwaeynda Daşary işler ministrliginde ýurdumyzyň Mejlisiniň, birnäçe ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleriniň gatnaşmagynda Türkmenistanyň adam hukuklary we halkara ynsanperwer hukugy babatda halkara borçnamalarynyň ýerine ýetirilişini üpjün etmek boýunça pudagara toparyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Gün tertibine laýyklykda, toparyň 2023-nji ýylda ýerine ýetiren işleriniň netijelerine garaldy hem-de «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly diýlip yglan edilen 2024-nji ýylda öňde goýlan wezipeler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Mejlise gatnaşyjylar adam hukuklaryny üpjün etmek hem-de halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryny durmuşa

geçirmek babatda döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça öňde duran wezipeleriň esasy ugurlaryny ara alyp maslahatlaşdylar. Bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň kanunçylygy milli tejribeden we däplerden ugur alnyp, halkara hukugyň kadalaryny nazara almak esasynda yzygiderli kämilleşdirilýär.

Hasabat döwründe ýerine ýetirilen işleriň netijelerini ara alyp maslahatlaşmagyň barşynda çykyş edenler raýatlaryň kanuny bähbitleriniň halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda goralmagynyň Bitarap Watanymyzyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýandygyny bellediler. «Türkmenistanda adam hukuklary boýunça 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Hereketleriň milli meýilnamasynyň», «Türkmenistanda gender deňligi boýunça 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Hereketleriň milli meýilnamasynyň», «Türkmenistanda çagalaryň hukuklaryny durmuşa geçirmek boýunça 2023 — 2028-nji ýyllar üçin Hereketleriň milli meýilnamasynyň» yzygiderli durmuşa geçirilmegi munuň aýdyň güwäsidir.

Şunda BMG-niň düzümleri we beýleki halkara guramalar bilen bilelikde maksatnamalary, taslamalary amala aşyrmagyň netijesinde gazanylan üstünliklere aýratyn üns çekildi.

Şeýle hem mejlisiň çäklerinde bu düzümiň 2024-nji ýyl üçin iş meýilnamasyna, «Türkmenistanda halkara ynsanperwer hukugyny ornaşdyrmak babatda 2024 — 2026-njy ýyllar üçin iş meýilnamasynyň» taslamasyna garaldy.

Ara alyp maslahatlaşmalaryň dowamynda «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň 2022 — 2028-nji ýyllar üçin Maksatnamasynda» adam hukuklaryny üpjün etmegiň we raýat jemgyýetini ösdürmegiň wajyp şerti hökmünde adam maýasynyň eýeleýän ornuny pugtalandyrmaga gönükdirilen wezipeleriň kesgitlenendigi bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanda adam hukuklary boýunça ygtyýarly wekiliň — Adalatçynyň mümkinçiliklerini güýçlendirmegiň möhümdigi nygtaldy. Çykyş edenler döwlet edaralarynyň adam hukuklarynyň üpjün edilmegi ulgamyndaky işleriniň kämilleşdirilmeginiň, ykdysadyýetiň ähli pudaklaryna, durmuş ulgamyna sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagynyň, täze iş orunlarynyň döredilmeginiň, kiçi we orta telekeçiligiň ösdürilmeginiň netijesinde, ilatyň intellektual ukyplaryny amala aşyrmak üçin täze mümkinçilikleriň açylýandygyny bellediler. «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, ýaşlaryň arasynda sagdyn durmuş ýörelgeleriniň wagyz edilmegine, olaryň watançylyk, zähmetsöýerlik, ýokary ahlaklylyk we raýat jogapkärçiligi ruhunda terbiýelenmegine aýratyn ähmiýet berilýär.

Milli kanunçylygy halkara hukugyň kadalary bilen utgaşdyrmak boýunça teklipleri taýýarlamak pudagara toparyň işiniň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, hasabat döwründe geçirilen çäreleriň ýurdumyzyň adam hukuklary we azatlyklary babatda kanunçylyk binýadyny döwrüň talabyna laýyklykda kämilleşdirmäge gönükdirilendigi bellenildi. Bu ulgamda döwletimiz tarapyndan tassyklanan konwensiýalary we Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmak boýunça Milli hasabatlary taýýarlamak, olary Birleşen Milletler Guramasynyň degişli komitetlerine ibermek toparyň esasy wezipeleriniň hatarynda durýar. Şunda Türkmenistanyň adam hukuklaryny üpjün etmek we ynsanperwer hukugy ulgamynda halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmek babatda gazanan üstünliklerine üns çekildi. Mejlisde degişli döwürde ilatyň hukuk bilimliligini ýokarlandyrmak, hukuk maglumatlaryna elýeterliligi giňeltmek meselelerine uly üns berlendigi nygtaldy.

Toparyň şu ýyl üçin iş meýilnamasynda kesgitlenen wezipeleri ýerine ýetirmek boýunça çäreleri ara alyp maslahatlaşmagyň çäklerinde adam hukuklaryny goramak babatda iň gowy dünýä tejribesini öwrenmek maksady bilen, halkara bilermenleriň gatnaşmagynda maslahatlary, iş duşuşyklaryny, geňeşmeleri geçirmegiň zerurdygy bellenildi.

Mejlisde başga-da birnäçe meselelere garaldy.

Интернет газета
Международные новости

TURKMENISTAN VOICED ITS PRIORITIES DURING HIGH-LEVEL BRIEFING TO MEMBER STATES ON UN OFFICE OF COUNTER-TERRORISM'S PROJECTS IN CENTRAL ASIA

On January 23, 2024, a High-Level Briefing to Member States on UN Office of Counter-Terrorism's projects in Central Asia was organized at the UN headquarters.

The briefing was attended by Under-Secretary-General and Head of the United Nations Office of Counter-Terrorism (UNOCT) Vladimir Voronkov, Executive Director of the Executive Directorate of the UN Counter-terrorism Committee (UN CTC) Natalia Gherman, Special representative of the UN Secretary General, Head of the UN Regional Center for Preventive Diplomacy for Central Asia Kaha Imnadze, Permanent Representatives of Central Asia and wider UN membership.

Opening the event, USG noted that the Central Asian states continue to increase their individual and collective efforts to prevent and counteract terrorism and violent extremism at the national, regional and international levels within 15 programs implemented in the region currently from the UN OCT.

He emphasized that the Governments of the Central Asian countries demonstrate their commitment to collective actions in preventing and counteracting terrorist threats and fulfilling relevant international obligations.

Mr. Voronkov thanked the donor states, including Turkmenistan, for the valuable contribution and financial support of the activities of the UN OCT and noted that voluntary contributions are the main source of financing the UN activity in this direction and play a key role in ensuring an effective combating of terrorism.

The significance of the current early warning network to combat terrorism in the region creating the basis for systematization of information exchange, as well as the coordination of the work of various national and regional structures operating in this area in Central Asia and neighboring countries, was noted.

In her statement, Ambassador Ataeva noted that Turkmenistan continues to decisively and comprehensively implement a five-year national strategy and an action plan to prevent violent extremism and fight terrorism, adopted in 2020 with the support of the UN OCT team in Ashgabat.

A.Ataeva emphasized that early warning and preventive activities, in particular the newly established early warning network, as well as ensuring the safety and stability of energy and transport infrastructure in the context of terrorist threats, remain priorities. The readiness to carry out practical assistance to the UN structures in the further implementation of the above initiatives was noted.

BEÝIK ÖSÜŞLERI NAZARLAÝAN GATNAŞYKLAR

Dost-doganlyk döwletleri bilen ýakyndan aragatnaşyk saklamak biziň ata-babalarymyzdan gelýän oňyn ýörelgelerimiziň biridir. Türkmen halky häzire güne çenli bu asylly ýörelgelerini saklap gelýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Serdarymyzyň alyp barýan daşary syýasaty barha giň gerime eýe bolýar. Dünýä döwletleri bilen parahatçylyga, halklaryň abadançylygyna we ählumumy ösüşe ýardam edýän oňyn we netijeli işler amala aşyrylýar. Şunda Türkmenistanyň goňşy döwletler bilen hyzmatdaşlygyna aýratyn ähmiýet berilýär. Häzirki wagtda durnukly ösüşi gazanmak boýunça çözgütleriň bilelikdäki ugurlaryny işläp taýýarlamak hem-de sebitde abadançylygy has-da ýokarlandyrmak üçin dost-doganlyk ýurtlaryň jebisligi hem-de bilelikdäki tagallalary zerurdyr. Hut şu düşünjäni özüniň baş maksadyna öwren döwletimiz soňky wagtlarda hoşmeýilli dünýä döwletleri, abraýly halkara we sebit guramalary, şol sanda YHG bilen köpugurly hyzmatdaşlygy alyp barmagy özüniň parahatçylyk söýüjilik, oňyn Bitaraplyk, netijeli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasat strategiýasynyň esasy ugurlarynyň birine öwürdi.

Türkmenistan 1992-nji ýyldan bäri YHG-nyň agzasydyr. Şonuň bilen baglylykda, eziz Diýarymyz köptaraplaýyn görnüşdäki hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna mynasyp goşant goşýar. Bu gurama gatnaşyjy döwletler bilen dostlukly, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny işjeň ösdürýär. Ýurdumyz 2021-nji ýyldan bäri YHG-da başlyklyk etmeginiň dowamynda ýörite Konsepsiýany işläp taýýarlady. Hususan-da, bu döwür üçin Türkmenistan syýasatda, söwdada, maýa, ulag, energetika ulgamlarynda yzygiderli, anyk hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagyny, onuň sanlylaşdyrylmagyny, ekologik ulgamda tehnologiýalaryň paýlaşylmagyny hem-de tejribe alşylmagyny esasy wezipeleriň hatarynda kesgitledi. Döwlet Baştutanymyzyň 2023-nji ýylyň noýabynda amala aşyran döwletli sapary Türkmenistan bilen Özbegistan Respublikasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge we pugtalandyrmaga, YHG-nyň çäklerinde ýurtlarymyzyň arasyndaky netijeli gatnaşyklary çuňlaşdyrmaga gönünden-göni öz täsirini ýetrimekde ähmiýetli boldy. Bu gurama indi köp ýyllaryň dowamynda agza döwletleriň umumy bähbitlerine wekilçilik edýär.

«Bilelikde ykdysady durnuklylyga we ösüşe tarap» şygary astynda geçirilen nobatdaky sammite Azerbaýjan, Täjigistan, Türkiýe, Gazagystan, Gyrgyz Respubliklarynyň, Eýran Yslam Respublikasynyň hem-de Pakistan Yslam Respublikasynyň döwlet ýolbaşçylarynyň hem-de wekilleriniň gatnaşyp, olar YHG-nyň çäklerinde söwda-ykdysady, maýa goýum, ulag-kommunikasiýa we ynsanperwer hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmek meseleleri, şeýle hem bu köptaraplaýyn düzümiň işini kämilleşdirmegiň mehanizmleri dogrusynda netijeli pikir alyşdylar hem-de degişli çözgütleri kabul etdiler.

Forumyň dowamynda YHG-nyň ýurtlarynyň arasyndaky söwda dolanyşygyny artdyrmak maksady bilen, serhetýaka we sebitleýin söwda mümkinçiliklerini işjeň ulanmagyň möhümdigi bellenildi. Bu babatda biziň halklarymyzyň köpasyrlyk däp-dessurlary, ulanylmagy hem-de baýlaşdyrylmagy zerur bolan gymmatly tejribesi bar. Munuň üçin amatly serhetüsti gurşawy döretmek, ylalaşylan artykmaçlyklar we ileri tutulýan ugurlar boýunça sebitleýin hyzmatdaşlygy ösdürmek has wajypdyr. Kiçi we orta telekeçiligiň üsti bilen işewür gatnaşyklaryň işjeňleşmegine, senagat önümleriniň käbir görnüşlerini, oba ho- jalyk önümlerini öndürmek, hyzmatlary ýerine ýetirmek babatda we beýleki ugurlarda hyzmatdaşlygy ýola goýmak uly ähmiýete eýedir.

Köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy giňeltmek babatda ýurtlarymyzyň eýe bolan mümkinçilikleridir we meýilleri hakynda has giňden habardar bolmak üçin anyk maglumatlary, teklipleri, işewürlik taslamalaryny we beýleki zerur maglumatlary öz içine alýan maglumat portalyny döretmek baradaky pikir forumda uly gyzyklanma döreden teklipleriň biri boldy. Biziň ykdysady hyzmatdaşlygymyzyň diňe YHG-nyň ginişligini tutuşlygyna öz içine alýan döwrebap ulag we kommunikasiýa torlary bolan halatynda üstünlikli ösjekdigi we hakykatdan hem netijeli boljakdygy äşgärdir. Ýewraziýa ulag geçelgeleriniň tutuş yklymyň ösmegine itergi beriji güýç hökmünde ähmiýeti aýdyň görünýär we artýar. Şonuň üçin forumda möhüm infrastruktura desgalary bolan ýollary, köprüleri, terminallary we beýleki desgalary gurmak babatda hyzmatdaşlygy ileri tutulýan ugur hökmünde kabul edildi.

Ýeri gelende bellesek, Türkmenistan Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň ýurtlarynyň gatnaşmagynda sebitara ulag we üstaşyr geçelgeleriň döredilmegine aýratyn üns berýär. Hytaýdan Merkezi Aziýanyň üsti bilen Hazar deňziniň, Pars aýlagynyň, Gara deňziň portlaryna çykmak arkaly multimodal ýük daşalmagyny ýola goýmak meselelerini geljekde ara alnyp maslahatlaşylmagy ileri tutulýan ugurlaryň hataryndadyr. Mundan başga-da energetika bilelikdäki işiň ýene bir wajyp ugurlarynyň hataryndadyr. Dünýäniň energetika bazarlarynyň umumy durnuksyz ýagdaýda bolmagy YHG-nyň netijeli hyzmatdaşlyk modelini işläp düzmek üçin esasy wezipeleriň biri bolup durýar. Bu, ilkinji nobatda, täze senagat we oba hojalygy pudaklarynyň kuwwatynyň artmagy, infrastruktura desgalarynyň gurulmagy, bilelikdäki önümçilik taslamalaryna badalga berilmegi boýunça biziň ýurtlarymyzyň barha artýan energetika isleglerini kanagatlandyrmak üçin zerurdyr.

Umuman, Türkmenistan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen Ýer ýüzünde dost-doganlyk, agzybirlik, parahatçylyk, hoşniýetlilik ýaly oňyn gatnaşyklary ýola goýmakda, ösdürmekde we berkitmekde zerur bolan ähli netijeli işleri alyp barýar. Ýurdumyzyň oňyn Bitaraplyk syýasatyndan gelip çykýan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmekde Milli Liderimiziň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag bolsun. Il bähbitli, döwlet ähmiýetli tutumly işleri elmydama rowaçlyklara beslensin.

Rahym AKMURADOW,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary institutynyň mugalymy.

НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

Посол Туркменистана встретился с Председателем Комиссии по связи и мультимедиа Малайзии

24 января 2024 года состоялась встреча Посла Туркменистана в Малайзии М.Машалова с Председателем Комиссии по связи и мультимедиа Малайзии Тан Шри Мохамад Салим Бин Фатех Дином.

Стороны обсудили перспективы взаимодействия в медийном пространстве. В этой связи посол проинформировал о мероприятиях высокого уровня в честь объявления 2024 года в Туркменистане годом «Кладезь разума Махтумкули Фраги», которые будут проводится в нашей стране и за рубежом.

Председатель Комиссии по связи и мультимедиа Малайзии подчеркнул, что налаживание контактов между СМИ будет стимулировать развитие культурных связей между двумя странами.

В Бишкеке организовано научно-культурное мероприятие

25 января 2024 года в Посольстве Туркменистана в Кыргызской Республике состоялся брифинг в честь объявления 2024 года в Туркменистане годом «Кладезь разума Махтумкули Фраги».

В рамках данного мероприятия также состоялась презентация первой книги Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова под названием «Молодёжь — опора Родины».

Выступавшие в ходе брифинга подчеркнули особую значимость творческого наследия Махтумкули Фраги, которое стало неотъемлемой частью сокровищницы мировой культуры.

Посол Туркменистана принял участие в мероприятиях, посвященных 80-летию полного освобождения Ленинграда от фашистской блокады

27 января 2024 года в г. Санкт-Петербурге Чрезвычайный и Полномочный Посол Туркменистана в Российской Федерации Э.М.Айдогдыев принял участие в мероприятиях, посвященных 80-летию полного освобождения Ленинграда от фашистской блокады.

В ходе торжественно-траурной церемонии на Пискаревском мемориальном кладбище Посол Туркменистана возложил цветы к Монументу Героев-Туркменистанцев, павших в боях за Ленинград, на Аллее Памяти. Участники церемонии почтили память погибших у комплекса «Мать-Родина».

В Румынии состоялась презентация книги Президента Туркменистана

29 января 2024 года в здании Посольства Туркменистана в Бухаресте состоялись презентация первой книги Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова «Молодежь – опора Родины» и литературная встреча, посвященная объявлению 2024 года – Годом «Кладезь разума Махтумкули Фраги».

На мероприятии приняли участие представители Посольства Туркменистана, туркменские студенты и граждане Туркменистана проживающих в Румынии.

Выступавшие особо отметили значимость творческого наследия великого мыслителя, которое стало неотъемлемой частью сокровищницы общемировой культуры.